Çagalar üçin Mukaddes Kitaby
hödürleýär

# Haçanda Hudaý hemme zady ýaradanda



Ýazan: Edward Hughes

Şekillendiren: Byron Unger; Lazarus

Adaptirlenen: Bob Davies; Tammy S.

Terjime eden: Christian Lingua

Alyp baran: Bible for Children
www.M1914.org

©2018 Bible for Children, Inc.
Ygtyýarnama: Siziň bu hekaýany nusga almana we çap etmäne hukugyňyz bardyr, ýöne satuw üçin däl.

Bizi döreden kim?  Mukaddes Kitaby, Hudaýyň Sözi, adamzadyň nädip döränligi barada aýdyp berýär.  Bireýýämlerden bäri, Hudaý ilki bilen adamy aýaratýar we oňa Adam-ata diýip atlandyrýar.



Hudaý Adam-atany topragyň külinden ýaratýar. Haçanda Hudaý Adam-atany dirilik nepesi bilen üflände, ol janlanýar.  Hudaýymyz adam üçin owadan bag oturdyp oňa Erdem diyip atlandyrýar.



Hudaýymyz adamy ýaratmazdan öň, Ol täsinlikler doly, owadan älem-jahany döretýär. Her ädimde Hudaýymyz baýyrlykly we sähraly giňişlikleri, ýakymly ysly gülleri we uzyn agaçlary, dürli açyk ýelekli guşlary we bal arylaryny,ýüzip ýören kitlary we taýyp ýören balykgulaklary döretýär.



Aslynda, Hudaýymyz hemme zady – hemme bar zady döretdýär.

Iň başynda, ozal Hudaýymyz
hiç zady döretmäňkä,
Hudaýymyzdan başga
hiç zat ýokdy. Ne
adamzat, nede
ýer-toprak ýada
zat. Hiç bir zat.
Ne şöhle nede
garaňkylyk bardy.
Ne ýokary nede aşagy.
Ne düýn nede ertir.
Diňe başlangyjy ýok
yeketäk Hudaýymyz bardy.
Soň Hudaý herekete başlaýar.



Başda Hudaý
gögi we ýeri ýaratdy.

Dünýä şekilsiz boşlukdy,
suwlaryň ýüzi
tüm-garaňkylyk
bilen örtülendi.
Hudaý:
“Ýagtylyk
bolsun!”
diýýär.



Ýagtylyk peýda boldy.  Hudaý ýagtylygy gündiz, tümlügi bolsa gije diýip atlandyrdy.  Şeýdip, gije geçip, daň atdy bu ilkinji gündi.



Ikinji gün, Hudaý dünýä okealarynyň, deňizleriň, derýalaryň suwlaryny düzgüne salyp asmanyň aşagyna getirdi. Üçünji gün, Hudaý: “Asmanyň astyndaky suwlar bir ýere jemlensin we gury ýer emele gelsin!” diýdi. We şeýle hem boldy.



Hudaý hemde ýerde her dürli ösümlikler, güller, çogdumlar we agaçlar emele gelsin diýip buýurdy. We olar emele geldi.
Gije geçip, dań atdy
üçünji gün boldy.



Soňra Hudaý güni, we aýy,
we hemde hiçkimiň sanap
hasaba alyp bilmejek sanda
tükeniksiz ýyldyzlary
döretdi. Gije geçip, daň
atdy dördünji gün boldy.



Deňiz jandarlary we balyklar we guşlar Hudaýyň indiki sanawyndadylar. Bäşinji güni Hudaý ullakan gylyç balygyny we ownujak takgaz balyjaklaryny, uzyn aýakly düýeguşlaryny we şadyýan kiçijek wwyzyldaýan guşlaryny ýaratdy. Hudaý dürli-dümen balyklary, deňiz suwlaryny dolduryň we ýer ýüzündäki guşlara köpeliň, ýeriň, deňizleriň we asmanyň lezzetini görüp ýaşaň diýip ýaratdy. Gije geçip, daň atdy bu bäşinji gündi.



Ondan soň Hudaý sözüni dowam etdi. Ol "Ýer öz görnüşlerine görä jandarlary: mallary, süýrenijileri hem-de haýwanlary öndürsin" diýdi. Olaryň arasynda ýerde ýaýkanyp ýören piller we işeňir samyrlar hem bardy. Garagol maýmynlar we çemesiz tymsaklar. Egrem-bugram gurçuklar we haýasyzja burunduklar. Uzyn boýly žyraflar we myryldaýan pişijekler. Şol gün Hudaý her dürli haýwanlary ýaratdy.



Gije geçip, daň atdy bu altynjy gündi.



Altynjy güni Hudaý ýenede bir zatlar ýaratdy – aýratyn bir zat. Hemme zat adam üçin taýyndy. Hudaýa iman etmek üçin iýmäne nahar, bakmana haýwan bardy. We Hudaý "Indi Öz keşbimizde, Özümize meňzeş ynsany ýaradalyň. Goý olar hemme zadyň üstünde höküm sürsünler" diýdi. Şeýdip, Hudaý Öz keşbinde ynsany ýaratdy, Hudaý ony Öz keşbinde ýaratdy.



Hudaýymyz Reb Adam-ata şeýle emr etdi: “Sen bagdaky islän agaçlaryň miwesinden arkaýyn iýip bilersiň. Ýöne ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesinden iýmegin, çünki şondan iýen günüň sen hökman ölersiň”.



Hudaýymyz Reb: “Adama ýekelik ýagşy däl, oňa özüne laýyk kömekçi ýaradaýyn” diýdi.  Hudaýymyz Reb ähli haýwanlary, guşlary Adam-atanyň olary atlandyryşyny görmek üçin, olary onuň ýanyna getirdi.



Adam-ata ähli janly-jandarlara näme at beren bolsa, şol-da olaryň ady boldy. Haýwanlara at bermek üçin Adam-ata gaty akylly bolmasy gerekdi. Ýöne hemme guşlara we haýwanlara garamazdan, Adam-ata özüne laýyk kömekçi tapylmady.





Hudaýymyz Reb Adamy agyr uka gidirdi.  Reb onuň bir gapyrgasyny alyp, şol gapyrgasyndan aýal ýaratdy.  Hudaýyň döreden aýaly Adam-ata üçin örän wepaly ýoldaşdy.

Hudaý hemme zady alty güniň içinde ýaratdy.  Hudaý ýedinji güni aýratyn gün hökmünde ýalkady, sebäbi Ol şol gün ähli ýaradyş işlerini tamamlap, dynç aldy.



Eremiň bagynda Adam-ata bilen
How-ene onuň aýaly, Hudaýyň emrine
boýun egip doly bagtly ýaşaýyşa
başladylar.  Hudaý olaryň hem
Rebbi, hem üpjim etýäni, hemde
olaryň dostydy.



Haçanda Hudaý hemme zady ýaradanda

Hekaýa Hudaýyň Sözi, Mukaddes Kitap barada, ýerleşýän yeri

Gelip-çykyş 1-2

“Siziň girizmä salan Sözleriňiz ýagtylyk şöhlesi ýalydyr.” Zebur 119:130


Soňy

Bu Mukaddes Kitabynyň taryhy bize gudratly
Hudaýymyz barada, bizi döredenligi barada we biziňem
Ol hakynda bilmegimizi isleýänligi hakynda aýdyp berýär.

Hudaýjan biziň ýaman işleri etýänligimizi bilýär we oňa günä diýip at berýär. Günäniň jezasy ölümdir, ýöne Huday bizi nahili güýçli söýýär, Ol Öz yeke-täk ogluny, Isany, haçda ölmek üçin we biziň eden günälerimizi saplamak üçin dünýä indirýär. Ölümden soň, Isa (Iisus) ýenede direlip we öz öýüne, Jennede gaýdyp barýar. Egerde siz Isa iman etýän bolsaňyz we Ondan günäňizi geçmegini dileýän bolsaňyz, Ol ony hökman eder! Ol geler we siz bilen siziň durmuşyňyzda ýaşar we siz hem Ol bilen baky ömürlik ýaşarsyňyz.

Eger siz bu hakykada ynanýan bolsaňyz, onda o hakynda Hudaýa şeýle ýüzleniň: Eziz Isa, Senin Hudaýlygyňa we Seniň adam bolup meniň günälerimi saplanyňy we häzir Sen ýenede diri ýaşaýanlygyňa ynanýan. Haýyş, meniň durmuşyma gir we meniň Seniň bilen täze durmuşa başlamagym üçin we bir gün Seniň bilen baky ömürlik bile bolmak üçin meniň günälerimi geç. Maňa Seniň sözüňe boýun bolmana we Seniň perzendiň ýalak bolup ýaşamana kömek et. Omyn.

Mukaddes Kitaby okaň we Hudaý bilen gürleşiň. Ýohanna 3:16
Hudaý dünýäni örän söýendigi sebäpli Özüniň ýeke-täk
Ogluny berdi. Ol muny Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk
bolman, baky ýaşaýşa gowuşmagy üçin etdi.